
Şeksiz-şübhesiz iman etmek.



Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

أَشْهَدُ أَنْ لا إِلَهَ إِلا اللَّه وَأَنِّي رَسُولُ اللَّهِ ، لا يُلْقَى بِهِمَا عَبْدٌ غَيْرَ شَاكٍّ فِيهِمَا إِلا دَخَلَ الْجَنَّةَ

Ebu Hureýre (radiallahu anh) şeýle diýýär: Resulullah (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýdi:**"Şaýatlyk edýärin Allahdan başga hak iläh ýokdur we Men Allahyň Resulydyryn. Kim-de kim şu iki (şaýatlyga) şek-şübhesi bolmazdan Allaha gowuşsa, hökman jennete girer."** (Muslim)

Hadysdan çykan peýdalar:

1-Lä ilähe illallahyň (Töwhidiň) fazileti, ähmiýeti.

2-Iki şaýatlyga şeksiz-şübhesiz iman edenler jennete girjekdir.

3- Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) pygamberligine iman edip, şaýatlyk etmek, Allahyň ýeke-täk hak ilähdigine şaýatlyk etmegiň bir bölegidir. Kim-de kim Lä ilähe illallaha şaýatlyk etse emma Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) Pygamberligine şaýatlyk etmese musulman bolmaz.

4-Lä ilähe illallahyň şertleriniň biri hem şek-şübhäniň tersi bolan ýakyndyr. Arapçada ýakyn diýmek: Şeksiz-şübhesiz ynanmakdyr. Eger bu şaýatlyklar hakynda şeki-şübhesi bolan kişä, bu sözleriň peýdasy degmez.

Allah Tagala Kuran-Kerimde mu'minleriň waspyny aýdyp şeýle diýýär:

إِنَّمَا الْمُؤْمِنُونَ الَّذِينَ آمَنُوا بِاللَّهِ وَرَسُولِهِ ثُمَّ لَمْ يَرْتَابُوا

"**Mu'minler şeýle bir kişilerdir ki, Olar Allaha we Pygambere iman etdiler soňra şek-şübhä düşmediler...."** (Hujurat 49/15)